International Trade Centre

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi

Ýewropa Bileleşiginiň maliýeleşdirmegi

# BSG goşulmak meniň üçin nämäni aňladýar?

IŞEWÜRLIK GOLLANMASY



# Sözlük – esasy adalgalaryň sanawy

| Adalga | Manysy |
|---|---|
| Antidemping paçlar | Öndüriji harytlary daşary ýurt bazarlarynda adalatsyz bahadan satan (mysal üçin, arzan bahadan) we içerki pudaga zyýan ýetiren ýagdaýynda, belli bir harytlardan (käwagt belli önümçilik desgalaryna) alynýan goşmaça nyrh. |
| Hökmany borçnamalar | Söwda hyzmatdaşynyň harytlar ýa-da hyzmatlar bazaryna elýeterliligini bozmazlyk (ýagny tarif nyrhlary, tarif kwotalary ýa-da hyzmatlaryň käbir görnüşleri üçin bazara giriş) ýa-da şeýle çäreleriň “çäklendirilen” derejesinden geçmezlik baradaky şertnamalaýyn borjy. |
| Borçlar | Söwda şertnamalarynda berk ylalaşyklar. |
| Gümrük bahalandyrmasy | Gümrük paçlaryny ulanmak maksady bilen harytlara baha bermek, ýagny, nyrhyň bahasy nähili, onuň bahasy eksportdan soň tölenen hakyky bahamy ýa-da başga bir usul bilen kesgitlenýärmi, anyklamak. |
| Bazara elýeterlilik | Daşary ýurt eksport edijiniň ýa-da hyzmat üpjünçisiniň harytlaryny ýa-da hyzmatlaryny hyzmatdaş ýurda iberip biljek şertleri. |
| HAD | Has amatly düzgün - söwda hyzmatdaşy tarapyndan üpjün edilen iň amatly söwda şerti (ýagny, has amatly ygtyýar). BSG-niň düzgünine görä, şeýle düzgün BSG-niň beýleki agza ýurtlaryna örän seýrek we aýratyn kadalardan başga ýagdaýlarda berilmelidir. |
| Milli çemeleşme | Daşary ýurt harytlaryna we hyzmat üpjün edijilerine içerki harytlar we hyzmat üpjün edijiler ýaly çemeleşmek borjy. |
| Gelip çykyş düzgünleri | Haýsy nyrhlaryň ýa-da beýleki söwda şertleriniň degişlidigini anyklamak maksady bilen ulanylýan önümiň “ykdysady milliligini” kesgitlemek üçin düzgünler. |
| SFÇ | Sanitariýa we fitosanitar çäreler adamlaryň, haýwanlaryň we ösümlikleriň gurşawyny zyýankeşlerden we kesellerden goramak üçin görülýän içerki çärelerdir. |
| STP | Söwdada tehniki päsgelçilikler, önümiň bazara çykarylmazyndan ozal tehniki talaplary, önüm standartlary we laýyklyk barlagy sebäpli ýüze çykyp biljek päsgelçiliklerdir. |
| TRIMS | Maýa goýum işleriniň söwda jähtleri barada Ylalaşyk - daşary ýurt maýa goýumlaryna degişli we içerki öndürijilere hem-de eksport edijilere artykmaçlyk berýän çäklendirmeler ýa-da şertler. |
| TRIPS | Intellektual eýeçiligiň söwdasynyň hukuk jähtleri barada Ylalaşyk - BSG-niň ylalaşygy bolup, söwda pikirlerini (HAD we milli çemeleşme) intellektual eýeçilige (patentler, söwda belgileri we ş.m.) ulanýar. |
| BSG | Bütindünýä söwda guramasy, global söwda gepleşiklerine ýolbaşçylyk etmek üçin Ženewa şäherinde ýerleşýän köpugurly guramadyr. |

# BSG-a agzalygynyň artykmaçlyklary

**BSG-niň maksady, adalatly, inklýuziw we zeper ýetiriji söwda dawalarynyň öňüni almak üçin agzalaryň arasyndaky jedelleri çözmäge ukyply açyk we ösýän global söwda ulgamyny goldamakdyr.**

## BSG näme?

Bütindünýä söwda guramasy (BSG) biri-biri bilen söwdany düzgünleşdirýän düzgünleri kabul eden ýurtlaryň global kluby.

Bu düzgünler umumy ýörelgeleri, belli bir harytlara we hyzmatlara degişli şertleri öz içine alýar. Düzgünler BSG ylalaşygynda görkezilen institusional gurluşlar laýyklykda guramanyň agzalary tarapyndan köpçülikleýin we ylalaşyk esasynda ara alnyp maslahatlaşylýar we kesgitlenilýär.
Agza ýurtlar, agzalar tarapyndan bellenen Baş direktoryň ýolbaşçylygynda Ženewada ýerleşýän hemişelik BSG-niň Sekretariatyna esaslanýarlar.

## Esasy maglumatlar

BSG 1995-nji ýylda esaslandyryldy we başda 125 sany agzasy bardy.

2024-nji ýylyň awgust aýyna çenli 166 ýurt agzasy bolup durýar.

22 sany ýurt goşulmak barada gepleşikleri geçirýär.

BSG-niň döredileli bäri dünýä söwdasy ýylda ortaça 5% ýokarlandy.

## BSG agza bolmagyň artykmaçlyklary

**Aýdyňlyk we öňdegörüjilik** – BSG-niň agzalygy içerki we daşary ýurtly import, eksport edijilere, hyzmat üpjün edijilere we maýadarlara täsir edýän söwda şertlerinde aýdyňlygy we öňünden görüjiligi üpjün edýär. Bu, kärhanalara meýilnamalaşdyrmak we işlerini dolandyrmak üçin zerur bolan ynamy döredýär.

**Söwdanyň diwersifikasiýasy** – 1995-nji ýyldan bäri BSG-a giren täze agzalaryň subutnamalary, BSG agzalygynyň täze önümleriň täze ugurlara eksport edilmegine bar bolan önümleriň ýa-da hyzmatdaşlaryň eksportyna garanyňda has oňyn täsir edýändigini görkezýär.

**Ösüşi goldamak üçin syýasatlaryň işlenip düzülmegi** – BSG agzalygy hyzmatlary we maýa goýumlaryny liberallaşdyrmak arkaly milli ykdysadyýetiň döwrebaplaşmagyna goşant goşýar.

**Halkara derejesi** – BSG-na agzalygy milli we daşary ýurt kompaniýalarynyň maýa goýumlary we beýleki iş mümkinçilikleri baradaky habardarlygyny ýokarlandyrýar.

**Jedelleri çözmek** – BSG agzalygy agza ýurtlara esasy söwda hyzmatdaşlaryna garşy söwda hukuklaryny berjaý etmekde beýleki agza däl ýurtlardan has köp ygtyýarlyk berýär.

## BSG-niň esasy ýörelgeleri

**Diskriminasiýa garşy:** BSG agzasy söwda hyzmatdaşlaryny (Iň amatly şertleri döretmegiň düzgüni) tapawutlandyrmaly däldir we öz we daşary ýurt harytlaryny, hyzmatlaryny ýa-da raýatlaryny (milli çemeleşme) tapawutlandyrmaly däldir.

**Açyk söwda:** BSG-niň agzalary söwda päsgelçiliklerini yzygiderli azaltmaga çalyşmalydyrlar. Mümkin boldugyça galan söwda päsgelçilikleri mukdar çäklendirmelerini (ýagny nyrhlar) däl-de, salnan töleg möçberini (ýagny tarifler) ulanyp ýoýulmaly däldir.

**Öňdegörüjilik we aç-açanlyk:** BSG-niň agzalary söwda düzgünini we maýa goýumlaryny çekmek we iş orunlaryny döretmek maksady bilen daşary ýurt kompaniýalar we maýadarlar üçin öňünden görüjiligi we aýdyňlygy döredýän içerki syýasaty goldamaly.

**Has adalatly bäsdeşlik:** BSG-niň düzgünleri eksport subsidiýalary we önümleri adaty bahalardan arzan bahadan düşürmek ýaly "adalatsyz" amallar bazar paýyny almaga mümkinçilik bermeýär.

**Az derejede ösen ýurtlar üçin goldaw:** BSG ösýän ýurtlaryň global söwda ulgamyna goşulmagyny goldaýar. Az derejede ösen ýurtlar üçin "aýratyn we tapawutlandyrylan çemeleşmesini" üpjün edýär we garyp agza ýurtlara tehniki ýardamy üpjün etmegiň mehanizmlerini hödürleýär.

**Söwda maksatnamasynyň üýtedilmegi:** BSG, daşky gurşawyň goragyny açyk söwda bilen nädip deňleşdirmeli we elektron söwdanyň barha kämilleşmegi bilen sanly deňsizlige garşy göreş ýaly global söwda ulgamyna täze meselelere jogap bermäge synanyşýar.

# BSG-niň Ylalaşygyna nämeler girýär?

BSG-niň Ylalaşygy (“Köpugurly söwda gepleşikleriniň Urugwaý tapgyrynyň netijelerini öz içine alýan jemleýji kanun” diýlip atlandyrylýar) – bu täze agzalar goşulandan soň gol çekilýän ylalaşyk. Ol öz içine şu aşakdakylary alýar:

1. BSG-ny edara hökmünde döredýän we guramanyň we içindäki dürli karar berýän guramalaryň işiniň kadalaryny kesgitleýän giňişleýin ylalaşyk.
2. Söwdanyň dürli taraplaryny öz içine alýan we her ugur üçin dürli düzgünleri kesgitleýän mowzuklaýyn ylalaşyklaryň toplumy.
3. Ylalaşygyň beýleki kararlaryny we düşündirişlerini kesgitleýän goşundylar toplumy.

**Aşakda Ylalaşygyň mazmunyna syn berilýär:**

| BSG-niň Ylalaşygy — Mazmuny | Nämäni aňladýar? |
|---|---|
| **Marakeş Ylalaşygy** | Institusional düzgünler. BSG-niň gurama hökmünde nähili işlejekdigini kesgitleýär (kim we haçan karar berýär we ş.m.). |
| **Goşundy 1A:** Harytlaryň söwdasy barada köptaraplaýyn Ylaşyklar | Haryt söwdasyny öz içine alýar. Haryt söwdasynyň aýratyn taraplary boýunça dürli kiçi ylalaşyklary öz içine alýar (giňişleýin maglumat üçin indiki sahypa serediň). |
| **Goşundy 1B:** Hyzmatlaryň söwdasy barada Baş Ylalaşyk | Hyzmatlaryň söwdasyny düzgünleşdirýän düzgünleri we aýry-aýry pudaklar üçin anyk borçnamalary ýerine ýetiren halatynda ulanylýan şertleri kesgitleýär. |
| **Goşundy 1C:** Intellektual eýeçiligiň söwdasynyň hukuk jähtleri barada Ylalaşyk | Intellektual eýeçilik bilen baglanyşykly düzgünleriň nähili ulanyljakdygyny kesgitleýär. |
| **Goşundy 2:** Jedelleri çözmek baradaky Ylalaşyk | BSG agzalarynyň arasyndaky jedelleriň nähili çözüljekdigini kesgitleýär. |
| **Goşundy 3:** Söwda syýasatyna syn mehanizmi | BSG agzalarynyň söwda syýasatyny dolandyrmak bilen baglanyşykly aýdyňlyk talaplaryny nädip berjaý etmelidigini düşündirýär. |
| **Goşundy 4:** Çäklendirilen gatnaşyjylar bilen köptaraplaýyn söwda Ylalaşyklary | BSG agzalarynyň meýletin esasda gol çekip biljek dürli goşmaça ylalaşyklaryň tekstlerini öz içine alýar, mysal üçin, Döwlet satyn alyşlary baradaky Ylalaşyk. |
| **Ministrleriň beýleki kararlary we deklarasiýalary** | Bu bilelikdäki kararlar we beýannamalar, BSG agzalarynyň dürli BSG ministrlik derejesindäki maslahatlarynda bilelikde beýan eden syýasat garaýyşlaryny görkezýär. |

Ylalaşygyň goşundylarynda BSG agzalarynyň birek-birege bolan aýratyn söwda borçnamalary bar. Bu borçnamalar, ähli harytlara degişli tarif nyrhlaryny we milli hyzmat ulgamyny daşary ýurt bäsleşigine çekmek borçnamalary öz içine alýar.

# Harytlaryň söwdasy baradaky Ylalaşyga nämeler girýär?

**Goşundy 1A: Harytlaryň söwdasy barada köptaraplaýyn Ylalaşyklar**

**Harytlaryň söwdasy baradaky Ylalaşyk haryt söwdasy bilen baglanyşykly has anyk ylalaşyklary öz içine alýar.**

| Ylalaşyk | Mazmuny |
| --- | --- |
| Oba hojalygy baradaky Ylalaşyk | Oba hojalyk bazaryna elýeterliligi, içerki goldaw syýasatlary (mysal üçin, baha goldawy) we eksport subsidiýalary bilen baglanyşykly BSG agzalary üçin hökmany borçnamalary kesgitleýär. |
| Sanitariýa we fitosanitar çäreleri (SFÇ) ulanmak baradaky Ylalaşyk | Haýwanlaryň, ösümlikleriň we adamyň saglygyny goramaga gönükdirilen milli çäreleri kabul etmek we durmuşa geçirmek üçin bitewi çarçuwany döredýär. Olaryň kemsidilmeginiň ýa-da esassyz çäklendirmeleriniň öňüni almak üçin niýetlenendir. |
| Söwdada tehniki päsgelçilikler (STP) barada Ylalaşyk | Gereksiz we düşnüksiz söwda päsgelçiliklerine öwrülip biljek milli laýyklygy bahalandyrmak, önümçilik standartlary we önüm howpsuzlygyň talaplaryny kabul etmek we durmuşa geçirmek üçin düzgünleri kesgitleýär. |
| Maýa goýum işleriniň söwda jähtleri barada Ylalaşyk (TRMS) | BSG agzalarynyň haryt söwdasyndaky adalatly bäsdeşlige täsir edýän maýadarlardan talap etmeginiň öňüni alýar. |
| GATT-yň 1994-nji ýylyň VI maddasyny durmuşa geçirmek boýunça ylalaşyk (Antidemping Kodeksi) | Antidemping syýasaty durmuşa geçirmek üçin ýörelgeleri kesgitleýär. |
| Gümrük bahalandyrmasy barada Ylalaşyk | Gümrük gözegçiligi maksady bilen harytlara baha bermek üçin esas döredýär. |
| Iberilmezden ozal barlag Ylalaşygy | BSG agzalary tarapyndan gelip çykan ýurtdaky harytlary barlamak üçin şertlerini kesgitleýär. Amallar aç-açan, diskriminasiýa edilmek we şikaýat edilmegine degişli bolmaly. |
| Gelip çykyş boýunça ylalaşygyň düzgünleri | Gelip çykyş düzgünlerini geljekde sazlaşdyrmak isleglerini kesgitleýär. Agzalaryň bellenen möhletleri ýerine ýetirmegi üçin tertip-düzgüni döredýär. Syýasaty işläp düzmek üçin komitet döredýär. |
| Import ygtyýarlandyryş işi boýunça Ylalaşyk | Söwda päsgelçiligine öwrülmezligi üçin import dolandyryş düzgünlerini döredýär. |
| Subsidiýalar we öwezini dolmak çäreleri barada Ylalaşyk | Söwda hyzmatdaşlarynyň jogap beriş çärelerini kabul edip biljek subsidiýalaryň we şertleriň adalatsyz ulanylmagyny düşündirýär. |
| Kepillikler baradaky Ylalaşyk | Kepillikleri ulanmagyň düzgünlerini kesgitleýär. |
| Söwda amallaryny ýeňilleşdirmek boýunça Ylalaşyk | Gümrük resmileşdirilmegi, resminamalar, elektron arkaly ýeňillediriş we serhet hyzmatdaşlygy baradaky öňünden çykarylan kararlary goşmak bilen harytlaryň serhetüsti resmileşdirmegi gowulandyrmak boýunça çäreleri öz içine alýar. |

# BSG-a goşulmak işi

**BSG-a goşulmak, BSG agzalygy bilen baglanyşykly borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin ýüz tutýan ýurduň kanunlaryna we söwda we ykdysady syýasatlaryna düzedişler bilen bilelikde içerki özgertme işi.**

## Haýsy ýurtlar goşuldy

1995-nji ýylda BSG döredileli bäri 41 ýurt we aýratyn gümrük çäkleri bu gurama goşuldy. Söwda syýasatyny alyp barmakda doly özbaşdaklygy bolan islendik döwlet ýa-da aýry-aýry gümrük çäkleri BSG-a girmek üçin ýüz tutup biler.

**BSG agzalygy täze girýän ýurtlara nähili täsir edýär?**

*"Goşulmak işi, ýurtlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny gazanmak üçin zerur bolan içerki özgertmeleri amala aşyrmak üçin görkezildi. Häzirki wagtda, şol sanda BSG-niň hasabatlarynda, şertleri bilen ylalaşýan agza ýurtlaryň has çalt ösýändigi, maýa goýumlaryny has üstünlikli çekýändigi we ykdysady çökgünlik döwründe has çydamlylygy görkezýändigi giňden ykrar edildi."*

**(BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Ilçi Amina Muhammediň 2017-nji ýyldaky çykyşy)**

## Ýurtlar BSG-a nädip goşulýarlar?

### 1-nji ädim: Agza bolmak üçin ýüztutma

**Munuň üçin näme gerek?**

BSG-a girmek isleýän ýurt resmi haýyş bilen ýüz tutmaly.

Gepleşikler, ýüz tutýan ýurt özüniň söwda syýasatynyň düzgünleri we içerki syýasatlary goldamak (Daşary söwda düzgüni barada Ähtnamany (DSDÄ)) barada giňişleýin maglumat üpjün edenden soň başlar.

### 2-nji ädim: Goşulmak boýunça gepleşikler

**Munuň üçin näme gerek?**

Goşulmak baradaky gepleşikler üç tapgyrdan ybarat:

1. **Köptaraplaýyn gepleşikler:**
   Bu tapgyrda, ýüz tutýan ýurduň kanunçylygy we kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň BSG-niň Ylalaşygyna laýyklygy doly öwrenilýär. Islendik kemçilikleri ýa-da gapma-garşylyklary milli kanunçylyga üýtgetmeleri girizmek arkaly ýok edip bolar.
2. **Ikitaraplaýyn gepleşikler:**
   Bu gepleşikleriň başlangyç nokady, ýüz tutýan ýurt tarapyndan hödürlenýän harytlara we hyzmatlara bazara girmek üçin "Teklipler". BSG-niň islendik agzasy, bazara girişini has gowulandyrmagy gazanmak üçin ikitaraplaýyn gepleşikleri talap edip biler. Bir agza harytlary ýa-da hyzmatlary üçin has oňat elýeterliligi üpjün edýän bolsa, bu şertler BSG agzalaryna IAŞDD ýörelgelerine laýyklykda ulanylýar.
3. **Çäklendirilen gatnaşyjylar bilen köptaraplaýyn gepleşikler:**
   Söwda täsir edýän oba hojalygy syýasatlary we goşmaça meýletin ylalaşyklar boýunça gepleşiklerdir. Bular BSG-niň Sekretariaty bilen geçirilýän tehniki gepleşikler.

### 3-nji ädim: Jemleýji ädimler

**Munuň üçin näme gerek?**

Gepleşikler tamamlanandan soň, Iş topary BSG-niň ähli agzalary tarapyndan tassyklanmak üçin jemleýji hasabaty taýýarlaýar.

Bu hasabat we BSG-a girmek baradaky teklip iki ýylda bir gezek geçirilýän ministrler maslahaty ýa-da Baş geňeş tarapyndan tassyklanandan soň resmi gol çekişlik dabarasy geçirilýär.

Ýüz tutan ýurt, BSG-niň Ylalaşygyny tassyklamak üçin ähli içerki resmi işleri ýerine ýetirenden soň (ýagny, içerki kanunlara goşulmak işi döwründe berlen borçnamalary öz içine alýar), resmi taýdan BSG-niň agzasy bolup biler.

# BSG goşulmak harytlaryň we haryt öndürijileriň söwdasyna nähili täsir eder?

### BSG-niň haryt söwdasy düzgünleri näme?

Haçan-da bir ýurt BSG-a goşulanda, onuň söwda syýasaty BSG düzgünlerine laýyk gelmelidir. Bu aşakdakylary aňladýar:

- Daşary ýurt importyna salynýan nyrhlar kesgitlenmeli (durnukly) we arzanlamagy talap eder.
- Islendik eksport ýygymy salynsa, geljekde olar çäklendiriler.
- Importda (nyrhlarda) mukdar taýdan çäklendirmeler gadagan.
- Gorag çäreleriniň girizilmegi (ýagny, ýurduň maliýe ýagdaýyny goramak üçin import çäklendirmeleri) diňe berk gözegçilik astynda amala aşyrylyp bilner.
- Haryt söwdasyna çäklendirmeleri girizýän islendik maýa goýum çäreleri gadagan edilýär (mysal üçin, daşary ýurt maýadarlarynyň önümçiliginiň belli bir bölegini eksport etmek talaby).

Içerki harytlary öndürijiler üçin bu düzgünleriň girizilmegi daşary ýurt bäsleşiginiň ýokarlanmagyny aňladyp biler, ýöne bu ýagdaýda BSG-a girmek has giň peýdalary getirmelidir.

### BSG-a goşulmak haryt öndürijiler üçin iş ýüzünde nämäni aňladýar?

BSG-ny emele getirýän dürli ylalaşyklar, haryt eksport edýändiklerine ýa-da ýokdugyna garamazdan milli öndürijilere giň ýeňillikleri üpjün edýär.

**Has arzan çykdajylara we gowulandyrylan infrastruktura elýeterlilik**

BSG-a goşulmak, harytlara kesgitlenen iň ýokary nyrhlary azaltmagy we kesgitlemegi, daşary ýurt çig malyny satyn alýan içerki önüm öndürijilere anyklygy we aýdyňlygy üpjün etmegi aňladýar.

BSG-a goşulmak, BSG-niň täze agzalaryndan 1995-nji ýyldan bäri toplanan maglumatlara esaslanyp, infrastruktura hyzmatlaryna elýeterliligi gowulandyrýar.

**Göni daşary ýurt maýa goýumlaryna elýeterlilik**

Önüm öndürijileri ýaýratmak we ammar işi ýaly pudaklara goldaw berýän maýa goýumlarynyň köpelmeginden peýdalanyp bilerler, sebäbi daşary ýurt kompaniýalaryny döretmek üçin şertler has aňsatlaşdyrylar.

Daşary ýurt maýa goýumlary çekmek üçin hökmany eksport nyrhlary ýaly maýa goýumlary bilen baglanyşykly söwda degişli kemsitmeler çärelerini (TRIMS) gadagan edýän BSG-niň düzgünleri, daşary ýurt maýa goýumlarynyň özüne çekijiligini ýokarlandyrýar.

**Adalatly bäsdeşlik**

BSG düzgünleri, söwda hyzmatdaşlaryna garşy subsidirlemek ýa-da baha düşüriş çäreleri görmäge rugsat bermek arkaly adalatly söwda bäsdeşligini üpjün etmegi maksat edinýär.

BSG düzgünleri, tehniki düzgünleriň we önüm standartlarynyň daşary ýurt bäsdeşligini kemsitmek üçin adalatsyz ulanylmagynyň öňüni almaga ýardam edýär.

**Intellektual eýeçiligi goramak**

BSG-a goşulmak, söwda hyzmatdaşlarynyň arasynda ynamy artdyrýan patentleri, söwda belgilerini we senagat şekillerini goramak üçin iň pes standartlary kepillendirýär.

BSG-a giriş ýerli hünärmenlere halkara intellektual eýeçiligi goramak mümkinçiligini berýär.

# BSG goşulmak daýhanlar, azyk öndürijiler we oba hojalyk önümleriniň söwdagärleri üçin nämäni aňladýar?

## BSG-niň oba hojalyk önümleriniň söwdasynda nähili düzgünleri bar?

BSG-niň agzalary, global oba hojalyk önümleriň söwdasynda deňagramlylygy we adalatlylygy dikeltmek üçin BSG-niň Ylalaşygynda täze düzgünler döretdiler. BSG-niň oba hojalygy baradaky Ylalaşygy:

1. Önümçilige bolup biljek ýoýulýan täsirlerini göz öňünde tutup, oba hojalygy syýasaty çäreleriniň gurluşy döredildi. Mysal üçin (baha goldawy ýaly "sary guty syýasaty"), önümçilik bilen baglanyşykly, ýöne mukdary bilen baglanyşykly däl (daýhanlara gönüden-göni pul geçirmek ýaly "gök guty syýasaty") ýa-da täsirinde bitarap (oba hojalygynyň barlaglary ýaly "ýaşyl guty syýasaty). "Sary" we "gök" guty syýsatlar gözegçilikde saklanmaga we azalmaga degişlidir.
2. Bütindünýä söwda guramasyna girýän ýurtlarda ýokary derejeli oba hojalygynyň nyrhlaryny pes kesgitlenen nyrhlara öwrüp, importyň belli bir mukdaryny üpjün etmek üçin bazara girişi gowulandyrmak.
3. Eksport subsidiýalary çäklidir we adatdan daşary ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda eksport çäklendirmeleri gadagan edilýär.
4. Adam we haýwan saglygyny goramagyň (SFÇ) çäreleriniň nädogry ulanylmagyndan goramak üçin düzgünler girizildi.
5. Bu düzgünler, BSG-niň Ylalaşygyndaky beýleki köp sanly ylalaşyklar bilen bilelikde, täze goşulan ýurtlaryň daýhanlary üçin birnäçe bolup biläýjek peýdalary getirip biler.

## BSG-a goşulmak daýhanlara we azyk öndürijilerine nähili kömek edip biler?

| | | |
|---|---|---|
| Ösdürip ýetişdirmek | **BSG-a goşulmak oba hojalygynyň önümlerini has bäsdeşlige ukyply edip biler.** | Içerki nyrhlaryň pes bolmagy, esasy girdejileriň bahasyny peseldip, daýhanlara tohumlara, tehnikalara we dökünlere has köp mümkinçilik döredip biler. |
| Ýaýratmak işi | **BSG-a goşulmak içerki ammarlara, ýaýratmak işine, gaýtadan işlemäge we ulag hyzmatlaryna we infrastruktura maýa goýumlaryny artdyryp biler.** | BSG goşulmak, söwdany ýoýýan maýa goýum çärelerine (TRIMS) girizilen çäklendirmeler we daşary ýurt maýa goýumlary üçin has özüne çekijiligi ösdürýär, eksport edilýän önümler üçin daşary ýurt bazarlaryna has köp elýeterliligi aňladýar. Ulag we ýaýratmak işi ýaly ugurlarda daşary ýurt hyzmatlaryny üpjün edijiler üçin şertleri gowulandyrmak, şol sanda elýeterliligi kämilleşdirmekde, içerki we daşarky bazarlara çykmagyň çykdajylaryny azaltmakda möhüm rol oýnaýar. |
| Marketing | **BSG-a girmek içerki oba hojalyk önümlerini halkara bazaryna çykarmak üçin täze mümkinçilikleri açýar.** | Geografiki görkezijileri (GI) bellemek arkaly aýratyn önümleriň ýerli öndürijileriniň tanalmagyny we girdejisiniň ýokarlanlanmagyna kömek edip biler. BSG agzalaryna halkara derejesinde ykrar edilen sanitariýa we fitosanitar çäreleriň (SFÇ) kabul edilmegini maslahat bermek bilen, daşary ýurt bazarlaryna çykmagyny ýeňilleşdirýär. |
| Eksport | **BSG-a goşulmak halkara bazarlaryna has giň elýeterliligi üpjün edýär.** | Eksport edijilere, adatça, BSG-niň beýleki agzalary (HAD) ýaly nyrhlar we şertler döredilmelidir. |
| Adalatly bäsdeşlik | **BSG-a goşulmak ösýän öndüriji ýurtlara oba hojalygynyň bazarlaryny kadalaşdyrmak we dolandyrmak üçin has uly mümkinçilikler berýär.** | BSG-niň Oba hojalygy baradaky Ylalaşygy söwdany ýoýýan subsidiýalaryň we bahalaryň goldawyny öz içine alýar (we ýok etmegi maksat edinýär). Antidemping çäreler arkaly, ähli agzalara öndürijilerini bahalary emeli usulda pes bolan bäsdeş önümlerden goramaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, adam, ösümlik we haýwan saglygyny goramak üçin adalatly ulanylmagyna rugsat bermek bilen, daşary ýurt bäsleşigini aradan aýyrmak üçin azyk we weterinariýa howpsuzlyk standartlaryna esaslanýan gorag çärelerini ulanmagy gadagan edýär. |

# BSG goşulmak eksport edijilere nähili kömek edip biler?

**BSG-niň düzgünleri harytlaryň eksportynyň we importynyň ähli taraplaryny dolandyrýar, talaplaryň we düzgüneriň aýdyňlygyny we öňünden görüjiligini üpjün edýär. BSG-niň agzalarynyň gümrük taýdan resmileşdirmek babatynda içerki syýasatlaryny kabul etmegine päsgel bermeýärler, ýöne beýle çäreleriň diskriminasiýa ýa-da goraýjy maksatlar üçin ulanylmazlygyny üpjün edýär. Bu söwda üçin has amatly şertleri döredýär.**

## Eksport

**Iberişden öňki barlag**

BSG, iberişden öňki barlaglary geçirmek üçin, mysal üçin, galplyklara garşy göreşmek üçin daşary ýurtlarda agentleri ulanmak barada düzgünleri bar. Bu düzgünler şeýle düzgünleriň hyýanatçylykly ulanylmagynyň we eksportda esassyz saklanmalaryň öňüni almak üçin niýetlenendir.

**Eksport çäklendirmeler**

BSG eksporta nyrh çäklendirmelerini ýatyrýar we az ulanylýan eksport paçlarynyň girizilmegine gadagan edýär.

**Standartlary we barlaglary ykrar etmek**

BSG agzalaryndan önümleriniň tehniki talaplary barada aýdyňlygy talap etmek we laýyklyk barlaglarynyň netijeleriniň özara ykrar edilmegini öňe sürmek bilen, BSG standartlaryň we barlaglaryň söwda üçin päsgelçilik hökmünde ulanylmagyny azaltmaga kömek edýär.

## Import

**Tarifler**

BSG haýsy nyrhlaryň haýsy harytlara degişlidigine düşünmegi gowulandyrmak üçin umumy nyrh belgiler ulgamyny döredýär. BSG söwda hyzmatdaşlarynyň nyrh meýilnamalary, iň az kepillendirilen derejäni görkezýär.

**Gümrük bahalandyrmasy**

BSG düzgünleri, import edilýän harytlara baha bermek üçin umumy binýady döredýär, bu ýygymlaryň talaba laýyk tölenmegini we nyrhlaryň adalatly we yzygiderli ulanylmagyny üpjün edýär.

**Gelip çykyş düzgünleri**

BSG-niň gelip çykyş düzgünleri önümiň gelip çykyşyny kesgitlemegiň düzgünlerini kesgitleýär. Bu, ikitaraplaýyn ýa-da sebitleýin ylalaşyklarda göz öňünde tutulan harytlara artykmaç çemeleşmegiň ulanylmagyny üpjün edýär we antidemping borçlary aýyrmak mümkinçiligini aradan aýyrýar.

**Import ygtyýarnamasy**

BSG agza ýurtlardan import edijilerden harytlaryň käbir görnüşleri üçin ygtyýarnama almagyny talap etmeýär, ýöne islendik ygtyýarnama ulgamynyň ýönekeýligini, aýdyňlygyny we öňdengörüjiligi talap edýär.

**Söwda amallaryny ýönekeýleşdirmek**

BSG-niň agzalarynyň köpüsi, iberişden ozal baha bermek kararlaryndan başlap, çaltlaşdyrylan amallara çenli import dolandyryşynda ýokary umumy standartlary göz öňünde tutýan meýletin söwda amallaryny ýeňilleşdirmek boýunça ylalaşyga gol çekdi.

# BSG goşulmak we hyzmatlar

### Haýsy hyzmatlar BSG düzgünlerine degişli?

BSG-niň Hyzmatlaryň söwdasy barada Baş Ylalaşyk (GATS) döwlet ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly hyzmatlardan başga (mysal üçin, döwlet dolandyryşy, goranmak we howpsuzlyk, kazyýet hyzmatlary) ähli hyzmat ediş pudaklaryny öz içine alyp, döwlet tarapyndan has giňden hödürlenýän hyzmatlar (mysal üçin, saglyk, bilim we infrastruktura ýaly) BSG-niň düzgünlerine tabyn.




### Hyzmatlarda söwdanyň usullary

Harytlardan tapawutlylykda hyzmatlar dürli usullar bilen üpjün edilip bilner. BSG agzalary, hyzmatlaryň nähili berilýändigine baglylykda başgaça seredip bilerler. Hyzmatlary bermegiň dört usuly aşakdakylardan ybarat:

**Serhetara hyzmatlar (1-nji usul):** Hyzmat elektron poçta, telefon ýa-da bulut hyzmatlaryndan uzakdan berilýär.

**Daşary ýurtdaky hyzmatlar (2-nji usul):** Müşderi hyzmatlary satyn almak üçin başga bir ýurda gidýär. Mysal üçin, syýahat hyzmatlary.

**Täjirçilik hyzmatlary (esaslandyryş) (3-nji usul):** Daşary ýurt hyzmat üpjün edijisi, çalt nahar bişirilýän restoranlar ýaly BSG agza ýurdunda öz işini açmak.

**Fiziki şahslaryň hereketi (4-nji usul):** Hyzmatlar fiziki şahslar tarapyndan wagtlaýyn ýa-da döredilen kärhanalar arkaly berilýär.

### BSG-niň hyzmatlar barada

BSG-niň agzalary, diagrammada görkezilen ýokary derejeli pudaklaryň haýsysynyň daşary ýurtly üpjün edijiler üçin açmak isleýändiklerini we haýsy pudak derejesinde (mysal üçin bank işi, ýöne maliýe hyzmatlary bölüminde ätiýaçlandyryş däl) özleri karar berýärler, şol bir wagtyň özünde ähli pudaklar käbir umumy düzgünlere ýa-da borçlara tabyn edilýär.

BSG-a goşulmak bilen onuň agzalary öz üstüne aşakdakylary alýarlar:

**HAD –** hyzmatlar söwdasyna täsir edýän islendik kanunlary, düzgünleri ýa-da beýleki çäreleri çap etmek.

**Aç-açanlyk –** hyzmatlary bermek üçin hökümetiň çäreleri bilen baglanyşykly şikaýatlary ýa-da jedelleri çözmegiň mehanizmini üpjün etmek.

**Hukuk gorag serişdeleri –** hyzmatlary bermek üçin hökümetiň çäreleri bilen baglanyşykly şikaýatlary ýa-da jedelleri çözmegiň mehanizmini üpjün etmek.

**Has adalatly bäsdeşlik –** BSG düzgünleri eksport subsidiýalary we harytlary adaty bahalardan pese düşürmek ýaly "adalatsyz" amallara bazaryň paýyny almaga mümkinçilik bermeýär.

### BSG-niň agzalarynyň özleri üçin açmak kararyna gelen aýratyn pudaklary

BSG-a goşulandan soň, agza ýurtlaryň hyzmat pudagynyň köpüsini daşary ýurt üpjün edijilerine iň bolmanda belli bir derejede açar diýlip garaşylýar.

Agzalar BSG beýleki agzalaryna aşakdakylary teklip etmeli:

- Hyzmatlar bazaryna çykyş (ýokarda görkezilişinden has giňişleýin derejede kesgitlenip bilner) - pudak ýa-da pudagara tarapyndan borçnamalaryň sanawy.
- Bazara çykyş borçnamalary söwdanyň "usulyny" kesgitlemeli (garşydaky gurluşa serediň) we bazara çykmak üçin girizilen çäklendirmeleriň (mysal üçin, auditorlaryň milli hünär derejesini talap etmegi) anyk düşündiriş bermeli.
- Açylýan pudaklarda degişli söwda ülňülerine we kadalaşdyryjy amallara eýerjekdiklerini tassyklamak.

# BSG goşulmak hyzmat üpjün edijilere nähili täsir eder?

### Kämilleşdirilen hyzmat ediş şertlerine elýeterlilik

BSG agzalygy milli hyzmatlary üpjün edijilere, hyzmatlaryny eksport edýändiklerine ýa-da ýoklugyna garamazdan, iş şertlerini gowulandyryp biler. BSG-niň täze agzasy daşary ýurt maýa goýumlaryna infrastruktura pudaklaryny (maliýe hyzmatlary, aragatnaşyk, energetika, saglygy goraýyş we ş.m.) açmak kararyna gelse, milli kärhanalar hem amallarynda bolup biljek islendik özgertmelerden peýdalanarlar.

### Eksportyň täze bazarlary

BSG goşulmak, girmegi meýilleşdirýän ýurtlardaky hyzmat ediş kärhanalary üçin açylýan mümkinçilikdir, söwda hyzmatdaşlarynyň kepillendirilen açyk hyzmatlar bazaryna çykmakdyr, muňa bolsa soňky iki onýyllykda BSG-niň täze agzalarynyň hyzmatlaryň eksportynyň ösüşi şaýatlyk edýär.

### Hyzmat işiniň ösüşini goldamak üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek mümkinçiligi

BSG goşulmak, ýurdy daşary ýurt maýa goýumlary üçin has özüne çekiji edýär, bu aýratyn hyzmat kärhanalaryna öz işlerine maýa goýmak isleýän halkara hyzmatdaşlaryny tapmaga mümkinçilik berer.

### Içerki bazar hyzmat pudagynyň kadalaşdyrylyşyna göz aýlamak we olary täzelemegiň mümkinçiligi

BSG-e goşulmak prosesiniň möhüm bölegi, gepleşikleriň başlangyç döwründe amala aşyrylýan içerki kanunçylyga täzeden garamakdyr. Bu, dalaşgär ýurtlar üçin daşary ýurt üpjün edijileri üçin açyk bolup biljek dürli hyzmat pudaklaryny nädip düzgünleşdirýändiklerini öwrenmek üçin bir mümkinçilikdir. Içerki bazardaky hyzmat kärhanalary üçin bu işini gowulaşdyrmak we döwrebaplaşdyrmak üçin ajaýyp mümkinçilikdir.

### Ösüş üçin täze mümkinçilikler

BSG-a girmek, hyzmat pudagynda içerki işewürligiň ösmegi üçin täze mümkinçilikleri açýar. BSG agzalygy arkaly ýurduň global üpjünçilik zynjyrlaryna has gowy integrasiýasy, ýerli hasapçylar, aklawjylar we arhitektorlar bilen birlikde, ýaýradyş işi bilen meşgullanýan milli kärhanalaryň, eksport hyzmatlaryny üpjün edijileriň (gümrük gullugy we ş.m.) hyzmatlaryna goşmaça isleg döredip biler.

### Täze halkara derejedäki hünärmenleri we bilermenleri işe çekmek mümkinçiligi

Adamlaryň BSG-a goşulmagy bilen baglanyşykly iş maksatly hereketlerine has köp aýdyňlyk, BSG-a goşulýan ýurtlardaky hyzmat pudagyndaky kärhanalara daşary ýurtly zehinli we tejribeli hünärmenler bilen işleşmek mümkinçiligini döreder.

# Söwdada intellektual eýeçiliginiň ähmiýeti

**Intellektual eýeçiligiň döredilmegi we ulanylmagy kärhanalaryň ösüşine we kämilleşmegine mümkinçilik berýär. BSG düzgünleri halkara ülňülerini güýçlendirýär we olary harytlar we hyzmatlar söwdasynda ulanýar.**

## Intellektual eýeçilik näme?

Intellektual eýeçilik (IE) - bu täze ösümlik we tohum görnüşlerini, dokma we egin-eşik nusgalaryny, senagat şekillerini we binagärlik taslamalary, täze tehnologiki amallary, kärhanalaryň söwda belgilerini, sanly programma üpjünçiligini, aýdym-saz, ýazuw işlerini, filmleri, oýunlary we başgalary öz içine alýan önümleriniň we hyzmatlarynyň ähli görnüşlerinde adam döredijiliginiň netijesidir.

## IE goragy telekeçilige nähili peýdaly?

- Patentler we senagat şekilleri IE goragy kärhanalara oýlap tapyşy we döredijiligi üçin sylaglanmaga mümkinçilik berýär.
- Söwda belligini goramak kärhanalara howpy bolmazdan söwda etmäge mümkinçilik berýär.
- Awtorlyk hukugyny goramak döredijilik sungat işgärleriniň, programma üpjünçiligini döredijileriň we awtorlaryň işleri üçin aýlyk haklaryny almagyny üpjün edýär.
- Geografiki görkezijiler milli öndürijilere önümi özboluşly edýän milli ýa-da sebit aýratynlyklary bilen baglanyşykly intellektual eýeçilik hukuklaryny goramaga mümkinçilik berýär.



## BSG-a goşulmak intellektual eýeçilik ulgamynda dolandyrmak üçin nämäni aňladýar?

- Ähli agzalardan awtorlyk hukugyny, söwda belgilerini, geografiki görkezijileri (“Oba hojalygynyň eksport edijileri” serediň), senagat şekillerini we patentlerini öz içine alýan käbir möhüm IE ülňülerini öz kanunlarynda tassyklamagyny talap edýär.

- Aýdyňlygy talap edýär: BSG agzalary beýleki agzalara intellektual eýeçilik hukuklaryny nädip goraýandyklary we berjaý edýändikleri barada maglumat bermeli. Täze intellektual eýeçilik kanunlary güýje gireninden 30 günüň dowamynda habar berilmelidir we milli aragatnaşyk edaralary kesgitlenmeli we habar berilmelidir.

- Ösýän ýurtlarda käbir meseleleriň bardygyny ykrar edýär. Olara talaplary kanagatlandyrmakda käbir çeýeligi berilýär we iş güýjüni ösdürmekde ýardam edip bilerler.

- BSG agzalarynyň IE meselelerinde düşünişmezlik ýüze çykan halatynda jedelleri çözmegiň mehanizmini üpjün edýär.

- Derman däl serişdeleri öndürmeýän iň az ösen ýurtlaryň hökmany ygtyýarnama bermek we ösýän ýurtlara BSG-a habar bermezden bu mehanizmi ulanmagy ýeňilleşdirmek arkaly zerur derman serişdelerine elýeterliligini gowulandyrýar.

## Bu telekeçilik işine nähili peýdaly?

- Kärhanalar, BSG-niň beýleki agza ýurdy bilen söwda edenlerinde, intellektual eýeçilikleriniň iň az halkara ülňülerine laýyklykda goraljakdygyna ynam edip bilerler. Bu eksport edijileriň we maýadarlaryň ynamyny artdyrýar

- Kärhanalar milli we daşary ýurt derejede IE ugurda öz borçnamalaryň haýsydygyny aňsatlyk bilen tapyp bilerler we bu ugurda ýagdaýyň üýtgändigine habarly bolup bilerler.

- BSG agzalygy agza ýurtlaryň halkyň bähbidini goramak üçin milli çäreleri görmegini gadagan etmeýär, ýöne agza ýurtlaryň hökümetleri ähli gyzyklanýan taraplaryň IE syýasaty kararlarynyň goraýjy maksatlar üçin ulanylmajakdygyny ynamy bildirmek üçin düzgünleri ulanmalydyrlar.

- Kärhanalar IE-e adalatly şertlerde girip bilerler.

# BSG goşulmakda işewürligiň ähmiýeti we ondan soňky täsiri

**BSG hökümetara guramasy bolup, işewür toparlary gepleşiklere ýa-da gutarnykly ylalaşyga gatnaşmasa-da, islendik täze agzanyň gurama girmekden iň köp peýdalanmagyny üpjün etmekde hususy pudak möhüm rol oýnaýar.**

### Maslahat beriş

BSG bilen gepleşiklerde öz orunlaryny kesgitlänlerinde, döwletler özüniň esasy bähbitlerini kesgitlemeli. Milli bähbitleriň deňagramlylygyna has gowy baha bermek üçin hökümet gepleşikçileri gowy maglumatlary we söwdany liberallaşdyrmagyň ýa-da beýleki syýasatlaryň täsirleriniň bolup biljekdigine düşünmeli. Kärhanalarda şeýle maglumatlary bermäge ähli mümkinçilikler bar.

### Syýasaty işläp taýýarlamaga goşant

Hususy kärhanalaryň köpüsinde hökümetiniň has gowy edip biljek zatlary barada pikirleri bar. BSG-a goşulmak, käbir pudaklarda içerki kanunçylyk we ony kämilleşdirmek baradaky pikirlerini hökümete ýetirmek üçin deňi-taýy bolmadyk mümkinçilikdir.

### Global söwda syýasaty emele getirmek

Söwda syýasaty yzygiderli özgerýär we BSG hususy pudaga we raýat jemgyýetine gelejek hakda pikirlenmek üçin mümkinçilik döredýär. Kärhanalar, daşky gurşaw we durnukly ösüş ýa-da elektron söwda tehnologiýalary nukdaýnazaryndan söwdanyň zerurlyklaryny nädip görkezip biljekdigi barada öz pikirlerini beýan edip bilerler.

### Milli maksatlary kesgitlemeklige gatnaşmak

BSG-a goşulmak, ilkinji nobatda maýa goýum mümkinçiligine ünsi çekmek, şeýle hem ýurduň syýahatçylyk, logistika, önümçilik ýa-da has giň ykdysadyýet sebitinde tejribeli iş güýji çeşmesi hökmünde ýurduň abraýyny halkara derejesinde üýtgetmek üçin gowy mümkinçilikdir. Döwlet şeýle özgertmeleri ýeke özi üstünlikli amala aşyryp bilmeýär, onda işewürligiň kömegi we goldawy zerurdyr.

### Pudaklaýyn ulgamlaryň döredilmegi

BSG-a goşulmak, kärhanalara beýleki ýurtlardaky deň-duşlary we işewür birleşikleri bilen has ýakyn iş gatnaşyklaryny ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Kärhanalar üçin BSG-a girmegiň özi däl-de, eýsem iş ýerlerini döretmäge, maýa goýumlaryny we durnukly ösüşi höweslendirýän has özüne çekiji iş gurşawyny döretmegiň mehanizmine düşünmek möhümdir.

# **Köp berilýän soraglar we olaryň jogaplary?** BSG-niň agzalygy hususy pudak üçin nähili ähmiýete eýe?

| Sorag | Jogap |
|---|---|
| **Iri ösen ýurtlar esasan BSG-dan peýdalanýarlar?** | Esasy ösen ýurtlar açyk köptaraplaýyn söwdadan elbetde peýda görýärler, ýöne BSG düzgünlere esaslanýan gurşawyň döredilmegi söwdanyň diňe olaryň bähbitleri üçin alnyp barylmagyny üpjün edýär. Ösüp barýan ykdysadyýetleri dünýä söwda ulgamyna has netijeli birleşdirmek we bu işde olara goldaw bermek BSG-da ara alyp maslahatlaşmagyň esasy mowzugydyr. |
| **Iri söwda ýurtlary BSG-da ähli meseleleri çözmeýärlermi, kiçi we garyp ýurtlar bolsa diňe kararlaryny kabul etmäge mejbur bolýarlarmy?** | BSG-niň haýal hereket etmeginiň bir sebäbi guramanyň ylalaşyk esasynda işlemegi. Kiçi ösýän ýurtlar üçin bu söwda syýasatyna täsir etmek üçin görlüp-eşidilmedik mümkinçiligi aňladýar. Kiçi ýurtlar BSG-da ABŞ we beýleki iri ykdysadyýetlere garşy söwda jedellerinde ýeňiş gazanýar we ösýän ýurtlaryň köp sanly ilçileri we ministrleri möhüm çekişmelere başlyklyk edýärler we BSG-da söwda temalarynda jedelleriň ugruny kesgitleýärler. |
| **BSG-niň ähli agzalary täze söwda çäreleri barada ylalaşyp bilmeýän ýagdaýlary bar hem bolsa, BSG henizem derwaýyslygyny saklaýarmy?** | BSG soňky ýyllarda bir möhüm şertnama barada ylalaşyp bilmese-de, bu gurama saglygy goraýyş we elektron söwdadan başlap balykçylyk subsidiýalaryna we hyzmatlaryň içerki düzgünleşdirilmegine çenli köp möhüm ugurlar boýunça köptaraplaýyn ara alyp maslahatlaşmak üçin meýdança bolup hyzmat edýär. |
| **Pandemiýa döwründe käbir ýurtlar tarapyndan söwda çäklendirmeleriniň girizilmegi BSG-niň işlemeýändigini görkezmeýärmi?** | COVID pandemiýasynyň tejribesi peýdaly boldy. BSG-niň diňe bir ýurtlara gyssagly çäreleri görmegine rugsat bermek üçin çeýe bolman, eýsem krizis döwründe girizilen söwda çäklendirmeleriniň gysga möhletli, aýdyň we döwlet syýasaty tarapyndan esaslandyrylmagyny üpjün etmek üçin ýeterlik derejede ygtybarlydygyny görkezdi. |
| **BSG-a goşulmak, importyň köpelmegi we bäsdeşligiň ýokarlanmagy sebäpli ýerli kärhanalaryň ýagdaýyny erbetleşdirmeýärmi?** | BSG-a goşulmak, käbir içerki kärhanalar üçin has bäsdeşlik gurşawyny döreder, emma önümçilik bazarlarynda bäsdeşligi has hem artdyrar we içerki öndürijilere önümlerinde bäsdeşlige ukyplylygyny döreder. |
| **BSG-a goşulmak hökümetimiziň milli syýasaty kesgitlemek ukybyny çäklendirermi?** | Belli bir derejede çäklendirer. BSG agzalary söwda borçnamalaryny ýerine ýetirmeli bolsalar-da, hökümetler döwlet syýasaty bilen baglanyşykly meselelerde henizem giň ygtyýarlyklara eýe. |

# Goşmaça çeşmeler

| | |
|---|---|
| WTO Websahypasy | BSG-a goşulmak we beýleki köp sanly söwda meseleleri barada tehniki maglumatlar. |

| HSM-niň işewürlik çeşmeleri | |
|---|---|
| Market Access Map | HSM-niň bazara giriş kartasy (Market Access Map), birtaraplaýyn we ikitaraplaýyn we sebitleýin söwda ylalaşyklaryna laýyklykda has amatly düzgünleri döretmegiň düzgüni we artykmaçlyklary goşmak bilen ulanylýan gümrük nyrhlary barada maglumatlary öz içine alýar. |
| Global söwda ýardam bölümi (Global Trade Helpdesk) | BSG soňky ýyllarda bir möhüm şertnama barada ylalaşyp bilmese-de, bu gurama saglygy goraýyş we elektron söwdadan başlap balykçylyk subsidiýalaryna we hyzmatlaryň içerki düzgünleşdirilmegine çenli köp möhüm ugurlar boýunça köptaraplaýyn ara alyp maslahatlaşmak üçin meýdança bolup hyzmat edýär. |
| Söwda çäklendirmeleri duýduryş mehanizmi (Trade Obstacles Alert Mechanism) | Kiçi we orta kärhanalaryň ýüzbe-ýüz bolýan söwda päsgelçiliklerini ýeňip geçmäge kömek edýär. Bu, KOK-lar üçin päsgelçilikleri habar bermek we ýüze çykyp biljek meseleler barada habarnamany almak üçin mehanizmdir. |
| ecomConnect | Kiçi kärhanalara dünýäde inklýuziw we durnukly ösmegine ýardam edip biljek elektron söwdany işläp düzüjileri birleşdirýän platforma. |
| SheTrades.com | Bu aýallaryň aragatnaşyk saklamagyny, öwrenmegini we işini aňsatlaşdyrmagy arkaly halkara söwdasyna gatnaşmagyny goldamak üçin döredilen onlaýn platforma. |
| Sustainability Map | HSM-niň durnuklylyk kartasy (Sustainability Map), kärhanalara durnuklylyk tejribesini ösdürmäge, halkara üpjünçilik zynjyrlaryna düşünmäge we halkara alyjylar bilen aragatnaşyk gurmaga mümkinçilik berýän mugt onlaýn platformasydyr. |
| Trade Map | HSM-niň söwda kartasy (Trade Map), eksport öndürijiligi, halkara talaplary, alternatiw bazarlar we önüm, ýurt nukdaýnazaryndan bäsdeşleriň roly barada köp peýdaly görkezijileri üpjün edýän halkara söwda statistikasynyň onlaýn maglumat binýadydyr. |
| SME Trade Academy | Eksporty ösdürmek, durnukly ösüş, söwda goldawy, telekeçilik, elektron söwda we bazar derňewi boýunça 100-den gowrak mugt okuwlary hödürleýän elektron okuw platformasy. |

**Minnetdarlyk bildirmek**

Bu kitapça, Ýewropa Bileleşiginiň goldawy bilen Halkara söwda merkezi (HSM) tarapyndan işläp taýýarlanyldy. Bütindünýä söwda guramasyna (BSG) girmek isleýän ýurtlardaky kärhanalara we işewür toparlara goldaw bermek üçin niýetlenendir.

**Ženewadaky edara:** **Žan-Sebastýan Rur,** Söwda syýasaty bölüminiň müdiri
E-mail: roure@intracen.org
Telefon belgisi: +41-22 730 03 03
Salgysy: HSM, 54-56, Monbrilýan köçesi,1202 Ženewa ş., Şweýsariýa
Poçta salgysy: HSM, Milletler binasy, 1211 Ženewa 10, Şweýsariýa

**Darýa Karman,** maksatnama dolandyryjysy
dkarman@intracen.org
+41-22 730 04 15

**Aşgabatdaky edara:** **Rustam Alymow,** Milli taslama dolandyryjysy
E-mail: ralymov@intracen.org

**www.intracen.org/our-work/projects/turkmenistan**

© ITC and Shutterstock.com

Bu neşir Ýewropa Bileleşiginiň maliýeleşdirýän “Türkmenistan: Söwdanyň durnuklylygy we integrasiýa” taslamasynyň çäklerinde Halkara söwda merkezi (HSM) tarapyndan taýýarlandy.

HSM neşirleriniň mundan beýläk ýaýramagy üçin neşirleriniň gaýtadan çap edilmegine we terjime edilmegine minnetdar bolar. Bu kitapçadan gysga bölekler çeşmäniň görkezilmegi bilen erkin ulanylyp bilner. Has giňişleýin bölegini ulanmak ýa-da terjime etmek üçin rugsat almaly. Gaýtadan çap edilen ýa-da terjime edilen materialyň bir nusgasy HSM-e iberilmeli.